# Zemzem suwy hakda näme pikir edýärsiňiz?

Category: Kitapcy,Medisina,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Zemzem suwy hakda näme pikir edýärsiňiz? ZEMZEM SUWY HAKDA NÄME PIKIR EDÝÄRSIŇIZ?



*Obýektiw ýa-da aç-açan hakykatdyr öýden zadyňyz aslynda şol röwüşe bürendiren şahsy kabul etmeleriňizden başga zat däl*
Geçmişde synagyň pikiriň-gipotezanyň güýjüniň ýa-da ýalňyşlygynyň anyk subutnamasydygy aýdylýardy. Bu kada hem-ä praktiki hem-de teoretiki ylymlarda ýöreýärdi.
Emma bu garaýyş Frensis Bekonyň (1561-1626) «Novum Organum» kitabynyň çap edilmeginden soň güýjüni ýitirdi.
Bu kitapda Bekon adam aňynyň kemala gelmegine goşant goşýan we şeýlelik bilen onuň dünýägaraýşyna we derňewlerine täsir edýän aňyň dört idolynyň gürrüňini edipdir.

Aslynda bu pikir Bekondan öňem mälimdi. Emma onuň eden işi ylmy agyrlygyny artdyrdy we şahslaryň düşünjeleriň üstündäki kesgitleýji täsiriniň tutaryklaryny we ýollaryny düşündirdi.
Şol wagtdan bäri subýektiw içerki düşünjäniň we adamyň özünden başga dünýäsi bilen baglanyşykly göz öňüne getirmeginiň adamyň has öň şahsy synaglady bilen ýeten ýa-da töwereguniň özüne beren ýa-da bilkastlaýyn pikir göreşlerinden soň ynanan forma we kanagatlaryndan mejbury ýagdaýda täsirlenen bolup biljekdigi pikiri ylmy gatlaklarda ornaşdy.




XX asyrda bitarap, ýagny, ylmy-barlagçynyñ añyndaky geçmişden täsirlenmeýän netijeleri gazanmak ähtimallygyny açmak maksady bilen tebigy ylymlary we tejribeleýin ylymlar bilen baglanyşykly synaglara aýratyn üns berildi.
Şeýle synaglardan öñem düşünjeleýin şübheleriñ tebigy we

praktiki ylymlardan başga gumanitar ylymlar bilen çäklenýändigi garaýşy höküm sürýärdi.
Çünki gumanitar ylymlar daşarda emele gelen we ösen, aýratynam (şu garaýşa görä) ynsanperwer ugurlardan täsirlenmeýän beýleki ylymlaryñ tersine, añda şekillenip ösýär.
Munuñ bilen birlikde bu müddet anyk hökümleriñ teoretiki, tebigy ýa-da praktiki ähli ylmy işlere täsir edýändigi babatda umumy ylalaşyk bilen soñlandy.
Şu täsiriniñ ilkinji synyndan başlap, soñabaka çig mala gönükdirilen seljerme we laboratoriýa synaglaryndan netijeleriñ mälim edilen wagtyna çenli dowam edendigi aýdyldy.
Ylmy barlagçy çig mallary öwrenmäge ýa-da jemlemäge başlanda, öñdenem bar bolan netijelerden täsirlenen ýörite gipotezalardan ýola çykýar.
Başgasynyb däl-de, ýöriteläp şu gopotezalaryñ saýlanyp alynmagy, köplenç ylmy-barlagçynyñ sosial ýa-da ylmy çarçuwasyndaky agalyk sürýän ugurlary we hatda wagtal-wagtal onuñ dini we syýasy ugurlaryny simulirleýär.
Şoña görä bir mysal bereli: hünärmenleriñ birine kesellere em bolýandygy baradaky meşhur garaýşyñ dogrudygyny ýa-da däldigini öwrenmek üçin zemzem suwuny barlap görmek tabşyryldy.
Eger ol ylmy-barlagçy musulman bolsa, hökman zemzem suwunyñ medisina degişli we degişli däl peýdalaryny subut etmäge girişjekdir. Ähli musulmanlaryñ ynanmak isleýän gipotezasynyñ tersine, bu suwuñ saglyga zyýanly bolup biljekdigi ähtimallygyndan ugur almagy onçakly mümkin däl.




Ha pikir, ha madda, ha-da adam bolsun, tapawudy ýok, adam bir zada seredende ony gözleri bilen däl-de, akyly bilen görýär. Gören zadyňy aňyňda janlandyrandygyň, ýagny oňa düşünmek we

manysyna göz ýetirmek üçin, çarçuwa döredendigiñ üçin düşünersiñ.

Şonuñ bilen baglanyşyklylykda ylmy-barlagçynyñam ortaça adamdan tapawutlanýan ýeri ýokdur, çünki olaryñ ikisi-de añ-düşünje geçmişlerinden täsirlenýär. Şonuñ üçin birnäçe kişi bir zada seredýär we her biri ony dürli görnüşde kabul edýär.

Şol bir habary eşidenlerden käbirleri mundan aglajak derejede täsirlense, beýlekileriniñ bolşy diñe geñ galmak bilen çäklener. Çünki habar olaryñ ýüregini sarsdyrmaýar ýa-da duýgularyny herekete geçirmeýär.

Başgaça aýdanda, habaryñ düzüminde saklaýan ýüküñ tapawudyny bilenokkar ýa-da bu ýüküñ olar üçin manysy ýok.

Mahlasy, sizem meniñ we beýlekiler ýaly hadysalara bitarap göz bilen seredip we olary şübheleriñizden özbaşdak görnüşde pikir edip bileñzok.

Bu şübheler siziñ karara gelen zadyñyz däl, beýniñiziñ gurluşynyñ bir bölegidir we bir garaýyşda uzak wagtlap ornaşma ýoly arkaly kök salypdyr. Şonuñ üçinem, obýektiw ýa-da aç-açan hakykatdyr öýden zadyñyz aslynda şol röwüşe bürendiren şahsy kabul etmeleriñizden başga zat däl.

Tewfik SEÝF,

Saud Arabystanly ýazyjy.

Penşenbe 05.01.2023 ý. Publisistika